# Heýkelim bilen

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Heýkelim bilen Dostlarym, deň-duşlam gutlap gidýäler,
Aýdyň ýolda aşan menzilim bilen.
Hemem gutlamagy arzuw edýäler,
Ýene otuz ýyldan,100-ýylym bilen.

Utuşymdyr kötel ýola düşmänim,
Gedem bilen bahyl baky duşmanym,
Eden «etmişime»ýokdur puşmanyn,
Eger eden bolsam öz elim bilen.

Köňülde beslänim bitirip ölsem,
Jesedim gitse-de dünýäde galsam,
Nesilden-nesile söhbetdeş bolsam,
Ýerden gökden örksüz heýkelim bilen.

Şekim ýok durmuşyñ asal-baldygna,
Guwanýan dünýäniñ baýlyk-bollugna,
Geldim «Ýagty ýoluñ» elli ýyllygna,
Gursakda göterýän ter gülüm bilen. Goşgular